# Ýadawlyk

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Ýadawlyk ÝADAWLYK

Ýere ýadawlyk geldi,
gaçyp bolanok hiç
ondan gutulyp!
Ýer şarynyň enelerniň ählisi,
Ýadadylar diňe esger doguryp.
Ýadadylar
çüýrük umytda ýaşap,
oýun kartyn ýaýradyp pal açmakdan…
Ýadadylar
geýim tikýän fabrikler
harby formalary
tikip biçmekden!
Ýadady
reaktiw samolýot uçup
geçip
täze urşa taýýarlyklary
Ýadady
gür tokaýlaryň ýollary
hopba edip daşamakdan tanklary.
Şeýle pursat geldi islemeseň-de,
Ýadawlyk duşady planetany.
Okean ýadady
üwremeklikden
kreýseri
üsti raketaly.
Suwlarynyň
düýpsüz galyňlygynda
hem suwasty gämileri ýygşyryp,
belaň
demir tagamyny
datmakdan

okean
çyrpynýar
ýüregne düşüp.
Ýadady
giñ asman
gümmürdilerden,
ýadady
çydamly bu dilsiz toprak.
Sebäp,
bularyñ hem ýüregne düşdi
şäher gurmak däl-de,
nyşana atmak.
Hatda,
iñ bärkisi,
kütek hem sowuk
rehimsiz
mydam metal dälmidi,
ana, şol hem näçe müñ ýyldan bäri
şol hem ýarag bolmaklykdan
ýadady!

Robert ROŽDESTWENSKIÝ.

Terjime eden: Gurbanýaz DAŞGYNOW. Goşgular